# Günleñ birinde..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Günleñ birinde.. GÜNLEÑ BIRINDE

Bir gün ömür kakar iñ sonky teblin,
Şol gün ýagyş ýagar ,asmany ýaryp,
Onsoñ meni ak topraga duwlarlar,
Dirileriñ hasabyndan aýyryp.

Pelegiñ çarhyna saralyp ýüp deý,
Ýyl yzyna ýyllar geçer zybyrdap,
Ýyljak ýagyş bolsa zol ýagar durar,
Ýagar durar meñ üstüme şybyrdap…

Soñra geçer gider bir giden eýýam…

Onsañ güneş dogar çoýaýyn diýip,
Meniñ çyg topraga garylar ruhum,
Men bu dünýä ýene gelerin gaýdyp
Gezerin aralap dirileñ gohun.

Nur bolup ýanaryn gülleñ gözünde
Bug bolup siñerin zemin ýüzüne.
Dañ şemaly bolup sesim goşaryn,
Gambar babañ çalman giden sazyna..

Ýene geçer eýýam yzyna eýýam..

Ak durnalañ toýnagyna garylyp,
Ak ýaýlañ üstünde ganat kakaryn.
Seni mahmal gijelerden gabanyp.
Ülkeleriñ deñinden saña bakaryn.

Akmaýanyñ seçip giden süýdünden ,
Goşawuçlap ,goşawuçlap ganaryn.
Soñ bir gün sen säher bolup dogarsyñ ,
Men ýokarda güneş bolup ýanaryn..

Geçer gider eýýam yzyna eýýam…

Seniñ ruhuñ dünýä sen bolup iner
Meniñ ruhum ýene meni gaýtalar,
Duşyr bizi bir darajyk çatrykda ,
Ikimize dellal bolan şol ykbal..

Maral ANNANUROWA. Goşgular